# Hupbulwatan -12 / hekaýalar toplumy

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Hupbulwatan -12 / hekaýalar toplumy VI BAP

Onuň birden çöle çykyp oturbermesini geňlänem boldy, oňlanam. Ýöne Gurbanmämmet serdaryň göwni häzir oba içine sygardan howuljylydy. Garagumuň giň gollarynda öňe-yza seredere, ölçerip-dökere, «biçip-tikere» wagtam bardy, meýdanam.
Ilki onuň töwereginde Annam, Şalar pälwan, Annadurdy, Taýmaz uzyn, Magtym, Allanur, garaz, on iki atly bardy. Çöle çykan günlerem, gör-le muny, «Hudaý berse guluna, getirip goýar ýoluna» diýlişi, hut Hywa hanynyň irkiljiräp gelýän kerweni pete-pet gelmezmi?!
…Gurbanmämmet serdar boldumly biten, asyl-ha tokaýa dönüp giden ak ojaryň kölegesine atylan kiçijik keçäniň üstünde gapdal gyşaryşyna pikire batypdy. Güýzüň ortaky aýynyň giç öýläniniň ýag ýaly howasy bardy. Gözüňe söweýin, ak çägäniň terligini diýsene! Kükregiňi giňeldip, on iki süňňüňe aram salyp, keýpiňi tereňläp, göwnüňe bolmasa, hol torum ýaýranyň alkymyndaky belent depäň üstüne göterlip barýan ýaly göwräňem. Diňe aldygyna öz dilinde doga-dileg edýän mollatorgaýýň owazy bolaýmasa, täsin ümsümlik seni öz gujagynda meýmiredip barýar.
Uzynakdan saryýagyz, atýüze gelşik berýän gür gara murtly, tüňňüräkden ýaýbaň maňlaýly ýigit bu gözellige hemem içki pikirine bimar bolupdy.
«Nähili boldy bu işler? Ädilen ädim-ä tüýkürilen tüýkülik ýalydyr indi, yzyna gaýdyp aljak gümanaň ýok. Kelte edilen, bidürs bolan zatlar ýokdur-da hernä?! Ýeri, il-güni ýegşerdip barýan zulum-u-külpeti nädip azaltmaly? Gazawat gyrgynçylygy…»
Gurbanmämmediň gözi garaňkyrap gitdi. «Ýaňyýapdan başlap, tä Yzmykşire çenli aralykda türkmeniň gany derýa bolup akmadymy näme şonda? Muňa kim günäkär?
Başyny galdyrman gydyrdanyp, şu gününi tapsa, ertiri gaýgy

garamaýak günäkärrmi? Belki, tagtynyň yranmagyndan elheder alan Hywa hany günäkädir? Oň akja jüýje däldigi düşnükli-le. Ýok, dur, sen üstüňe ýaragyny şaýlap, goşunyny düzläp, «Seni ýer bilen ýegsan ederin» diýip gelen duşmandan gözle esasy günäni.
Wa-ah, gyrgynçylykda diňe talanan däl, otlanyp, şu topragyň üstünden sübse bilen süpürilene dönen obalaryň, bigünä öldürilen garru-ýaşyň, bir ýüzük ýa bilezik üçin eli çapylan aýal-ebtadyň günäsini, hununy kim göterer? Bar, bolupdyr, gidipdir, «geçeni geçdi bil» edeli. Ýöne şondan soňky zulmatlaryň özeni hany, düýp sebäpkäri nirede? Heýem, ýylyň on iki aýynyň içinde ýigrimi dört dürli salgyt görlüp-eşidilen zatmydyr? Ozalam hamy guran, sulbasy soýlan halkyň ganyny içmek däl, eýsem, ýülügini sormak dämi bu? Kim ýanyp-bişmeli, haýsy kişi delalat etmeli bu ýagdaýa?
Ýa diňe Hudaýa sygynyp: «Ynha, ursaň gamçyňy ýagyrny, sokseň ýüz, «degene gözüm menden däl» edip baş egip durmalymy?» – Gurbanmämmet serdaryň çekge süňkleri syzlap gitdi. – «Ýok? Şu guba çägeler, Hydyr gezen sähralar güwä bolsun, men şundan şeýläk il derdine, yklym ahwalatyna elimden gelen ýardamy etmesem ýüzüm gara bolsun! Guýa tüýkürip, ýa tokaý otlap alynýan abraý kime gerek bolsa, şoňa nesip etsin. «Agasyny, inilerini horlap, han ýa serdar bolupdyr» diýenleriňki, belki özüçe dogrudyr, ýöne men ony at ýa mahabat üçin etmedim, adalat agtaryp, Annam ýaly ýer urup, ýerde galanlaryň kysmatyna kaýyl bolup, «gözüm görmese syrtymy böri iýsin» diýlen takdyra ten bermezligi üçin etdim. Bolmasa dagy, mesliginden gözi depesine çykan Hojamyrat baý bu gün oň gelniniň ýorganyna girse, ertir başga biriniň öýünden ýylmyldap çykmazmy? Agaň bolanda nä? Ile-ymmata, kada-kowahata sygmaýan betpällik etdimi, jogabyny okasyn! Düzelmejekdenmi, onda toprak depelemesin! Ogryny, orramsyny, garyba, biçärä zulum edýäni, halky ezýäni, süýthory amana getirjek bir är gerekmi? Gerek! Iň esasy, ýagyr eşege dönen halka az-küş hemaýat etjek, «Demim güýçli, gylyjym kesgir, ýaragym atgyr» diýip düwläp duranyň eline kakjak är gerek gepiň hullasy. Şony men oňaryp bilerinmi? Bilmedi – Onuň ýumruklary daş ýaly

düwüldi – «Ýöne indi yza ýol ýoklugy-ha çyn. Emma yzyňa bäş-on sany jalataýy ýa-da ejesi käýäp, kakasy kowany tirkäniň bilen serdar ýa han bolmajagyň-a çyn, Gurbanmämmet!
Meň ýolum galtamançylyk ýa-da bus-bus oýnamak bolmaly däl. Rast, çykdyňmy ak çöle, gaňryşa gaýdybilýänden bolmasaň, ýüzüňe toprak seň. Bu gün guma çykyp, ertirem hiç zadyň alnyndan bolman ýene obaňa boýnuňy sallap barsaň, iň uly biabraýçylyk şol. Şoň üçinem…»
–Serdar, ilerden bir gurgun kerwen gelýä diýýä ýigitler.
Bu habar ony aýak üstüne galdyrdy.
–Ýörüň, hany!
Kerwen uly dälem bolsa, gaty gerekli zat getirýäni görnüp durdy. Ýigrimiden gowrak düýe tirkeş gurap, onyň töweregindede ýedi-sekiz adam irkiljiräp gelýärdi. Gapyl basylan kerwen tapba durdy. Ýapbaşyk telpekli, gazakýüz kerwenbaşy beýle oslagsyz herekete garaşylmansoň, zoňtap gürledi:
–Han hezretleriniň kerwenini saklamaga het edibilseňiz, soňuna-da durubilersiňiz-dä hernä?
Bu habara Gurbanmämmet serdar hezil edip ýylgyrdy. Içinden bolsa «Başlanyşy-ha erbet däl. Hudaý han kerwenini alnymda keserden bolsa «Al, gulum!» etdigidir şu» diýdi.
–Ýeri, aýdyp otyr, han kerweni nireden gelip, nirä barýa onsoň?
–Çekişlerden gaýtdyk, Hywa ugrum.
–Ýüküňiz näme?
Kerwenbaşy syrly ardynjyrady, goragçylar aşak bakdylar. «Hä-ä, görýän weli, temegiňizi ýokary tutup, «han ýüki» diýilse şu duranlaň syrty saňňyldar öýdýänsiňiz weli, o diýeniňiz-ä bolmaz».
–Şalar!
Sozen ýaly uzyndan eginlek ýigit öňe ätledi:
–Gulluk, serdar aga!
Gylyjyň ujuny ýöret o teletin haltaň biriniň ýüzünden.
«Häh» diýilmänkä «mäh» bolanda, düýelere dikligine urlan haltalaryň birinde onbiratar tüpeňler ýaldyrap gitdi. Gurbanmämmet serdaryň ýüzi ýagtyldy:
–Ýüküňiz-ä hakyt han harydy eken. Ýöne – Ol kerwenbaşa

ýüzlendi: — Adyň kimdir?
—Reýimbergen.
—Reýimbergen bolsa, bar-da han agaňa aýt: «Şo getirilýän tüpeňleri halka tarap atylmazlyk üçin Garagumuň ak çägesiniň içinde Gurbanmämmet serdar diýilýäni alyp galdy» diýip. Gidiberiň, ýoluňyz bolsun!
Şu wagta çenli ýoly kesilmedik han kerwenbaşysy kejeňeklik etdi:
—Biz-ä şeýle serdar bar diýip eşitmändik weli…
Gurbanmämmet ýaňsyly ýylgyrdy:
—Eşitmek däl, görübem dursuň-alnha.
—Aý, hawa-da, gurt görmedik ýerde şagalam şir çykaýýa-da.
Gurbanmämmet serdar gany gyzanam bolsa, geçirimlilik etdi:
—Näme diýdiň, çala eşitdim.
—Gulagyň agralandyr.
Gaharly ýylgyran Gurbanmämmet serdaryň sesi zarply çykdy:
—Taýmaz!
—Hä, serdar aga?
—Reýimbergen kerwenbaşyň çep gulagyny çäge basan ýaly-la, ýeňledip goýber şony!
Gany gaçan kerwenbaşy elini daldaladyp bir zatlar diýjek boldy, ýetişmedi, Taýmaz uzynyň ýalaw ýaly çakgysy gulagy bitmedik ýaly etdi.
—Waý-ý!
Eline berlen gulaga gözi düşen kerwenbaşynyň däl, töweregindäkileriňem zähresi ýaryldy.
—Baryň, gören-eşideniňizi hanyňyza habar beriň!
Ýabysyna kellesini gapdal tutup atlanan kerwenbaşy uwlap gitdi. Oslanmadyk peşgeş Gurbanmämmet serdaryň keýpini göterdi. «Nireden bir derde ýararu-ýaramaz tüpeň tapyp bolarka?» diýen iňkis böwrüňde durka alnyňdan çykan «sowgat» guşgunyňy uçurmazmy eýse?! Özem suw ýaly, heniz ýagy süpürilmedik iňlis tüpeňleri. Bular entek han goşunynda-da seýrek bolmaly. Goluňda şeýle ýaragyň bolsa tisginmän garşyma-garşy çyksa bor juda towşanýürek bolaýmasaň. Ýigit diýeniň-ä gyt çöp däl, köpüsem ýa handan, ýa oba içiniň kethudasyndanmy, baýyndan hünaba ýuwudyp.

Dört güni geçirip pete-pet gelen beýleki kerwen weli Gurbanmämmet serdaryň ýeňsesinden tutdurdy.
Reýimbergen kerwenbaşynyň tersine, bu gezekki kerweniň baştutany hamana özleri görüp bäri sowlanyny, adynyň Müňbaýdygyny, garagalpaklaryň ig tiresindendigini, iki hepde mundan ozal Maşatdan ugrandyklaryny, Maňňyt begi Tüsembaý dykyzyň kerwenini ýöredýändigini ilgeziklik bilen bir demde gürrüň berdi. Ýüküni näjüre harytdan tutup gaýdandyklaryny weli agzamady. Golaý barsaň haplap burnuňa urýan gülebentleriň nämedigini weli soraman biläýmelidi. Olar çybyk-çybyk Maşat kakydy.

«Munça tirýegi nätjekkä o beg? Onsaňam, Çumbaý, Maňňyt, Hojaili tarapda ekilýän göknaram-a azlyk eder ýaly däl. Ýa garamagyndaky tutş ili neşebent edäýmek pyglyna münäýdimikä o beg?».
Gurbanmämmet serdaryň dikanlap bakyşyndan bu sowallary okan Müňbaý kerwenbaşy sowlup geçere ýer bolmajagyny aňyp, halymsyrady:
–Biz bir ýumuş oglany-da…–Ol ýene ýanyp duran gözlere seretdi. Olardaky «Sypjyklyk etme, gönel, ýogsam…» diýen sessiz duýduryşy okap, injigi sandyrap gitdi.
–Şu ýüki soň gazagyň içi bilen Tatarystana aşyrýas, ondan galanyny bilemok.
–Hem-ä neşe ýaýradýas, hemem teňňe-pul ýasaýas diý-dä, garaz.
Kerwenbaşy guraksy ýuwdundy:
–Biz düýäň owsaryny süýremäni bilýäs, agdarma-düňderme ýerini beg agalar çözýä.«Elt!» diýseler eltýäs, «Getir!» diýseler getirýäs.
–Düşnükli–Gurbanmämmet gamçysy bilen oltaňy ýuka çokaýyna şarpyldatdy–Magtym, Allanur, şo dört düýäň ýüküni düşüriň, ho oýtaň ýere!
Söze salym ýok, diýşi ýaly boldy. «Indi näme etjekkä?» diýen sowaly dile däl-de, göze geçirip duran adamlary görmeýän ýaly Gurbanmämmet serdaryň özi baryp küde bolup ýatan hersi guzuçarak haltalaryň birini başaşak silkdi. Gara-goňur reňkli, hersi kak ýaly towlanan tirýek sary çägäniň üstüne pytyrap gitdi. Gurbanmämmet serdaryň ýigrenç bilen seňrigini ýygranyny

gören Müňbaý kerwenbaşy elini owkalady.
–Kerwenbaşy, getir ho taňkaň aşagyndaky ýanyp duran kesindini!
Sorag berse bujurygyň artjakdygyny magat bilen kerwenbaşa aýdylany etmekden başga alaç galmady.
–Okla, ortasyna!
Bu gezek weli kerwenbaşy ýaýdanjyrady. Labyrdap duran ojar kesindisini göterip durşuna juda naýynjarlyk bilen bir-ä Gurbanmämmet serdaryň, birem öz ýigitleriniň ýüzüne seretdi.
–Hä-ä, baraňyzsoň bu ýigitleň biri: «Öz ýüýküni özi otlady gorkusyna» diýip ýamanlasa, begden gamçy iýerin ýa ondan beterini görerin diýip sazanaklaýamyň? Al onda eliňdäkini bäri!
Şeýle diýip ajy gülümsirän Gurbanmämmet serdar çala sandyraýan eldäki kesindini kakyp aldy-da, tirýekli haltalaryň üstüne zyňyp goýberdi.
Güwläp galan ody pikirli synlap, ol kerwenbaşa däl-de, onuň ýigitlerine tarap öwrüldi.
–Begiňize aýdyň, şundan şeýläk Gurbanmämmet serdar öz dabany düşýan ýerden tirýek diýlen zat daşalsa ody uludan ýakaryn diýdi diýip. Çekesi gelse, ýa satasy gelse öz çygrynda edibersin, düşnüklimi?!
Kerwendäkiler diňe baş atdylar.
…Hywa köşgüne şondan bir hepde-on gün geçensoň ary girene dönüpdi. Seýit Isfendiýar han giň-giň ädimläp ýöreýşine, hyna çalnan sakgalyny inçejik barmaklaryna orap içini hümledýärdi. Ökjesi gysga ýuka mesisi aýagyny gysýan ýaly, ol ony sypyryp taşlady. Şonda-da ýumşak owgan halysy onuň dabanyna çümýäne çalymdaşdy Eňegini gysanda dişleriniň şatdyldysy gulagyny şaňlatdy. Ýogsa Hyradyň emiri köşgüň şu giň zaly üçin bu halyny sap çöpboýadan dokadyp ugratmanmydy näme? «Şu türkmenlermi? Bular aýagyňa däl-de, beýniňe demirtiken bolup dürtülýär-ä. Indi-hä… Eýsem ol Gurbanmämmet serdarlary kim bolup biler janlarym, hä?! Paşşa goşuny bir mugyra getirip, «aman» diýdirdem weli, ynha, ýene tüýi ösene meňzeş bulaň. Ýogsam ýalbar-ýakar, para-peşgeş bilen şo hökümediň Çekişlerdäki ýarag saklaýan ýerinden alnyp gaýdylan dört ýüz tüpeňi almaga, onda-da gös-göni Hywa hanynyň kerwenine gorky-

ürküsiz el urmaga kim het edibiler? Baýyňky bolsa, begiňki bolsa, bir gyşlagyňky bolsa owarram, han kerweni ahyryn! Adyndan tusginip: «Ýoluň bolsun!» diýmäge derek…

Han ynjy bilen boýnuny burdy. Ýöne hiç kime gözi düşmänsoň, gahary geldi.

–Wezir!

Ýerden çykan ýaly bolup sömelen tos-togalak adama ol gözüni agdaryp seretdi.

–Bedirkent tarapa adam ugradyň, anyklasynlar, kim ol Gurbanmämmet serdarlary, biliň! Neme ediň, patyşa goşunynyň baştutanlarynam habarly ediň!

…Şondan köp wagt geçmänkä Hywadaky patyşa goşunlarynyň ştabynda şeýle ýazgy peýda boldy: «Türkmenlerden Gurbanmämmet serdar diýilýäni çöle çykyp, galtamançylyga ýüz urdy. Halk eýýäm ony Jüneýit han diýip atlandyrýar. Sebäbi ol ýomutlaryň orsukçy urugynyň jüneýit tiresinden. Ol öz obasynda kazy we mirap bolup işlän. Il içindäki abraýy uly. Häzir töweregine ýene atly ýygnaýan bolmagy mümkin».

Şol günden başlap hat-peteklerde, ýokary-aşakdaky uly-kiçi edaralarda her gün diýen ýaly şu adyň gaýtalanjakdygyny häzir hiç kim bilenokdy.

Maňlaý saçy düşen dykyz adam–ştab naçalnigi pod Stepanow başyny galdyryp, eňegini ýellendirende hut semiz alaka meňzäp gitdi. Pikirli hem iňkisli ýagdaýda gözlerini gyrpyldatdy: «Bu türkmenlermi! Bulara general Skobelew gerek. Ýatan ýeri ýagty bolsun o bendäň» – Podpolkownigiň gözi ýaşaryp gitdi. Ol Daşkentden ýörite getirden gazet-žurnallaryny, birküç kitaby bagryna basaýjak boldy. Dagy nä? Peterburgda çap bolan kitapdyr žurnallardan şol ýeriň humar ediji ysy gelýärdi ahbetin!

Skobelewiň ömri hem ölümi hakda ýazylan ýazgylara ol ýene gözüni ýaşlap ýapyşdy. Neneň şeýtmesin?! Ol bu ýerleriň – Aziýanyň «ak patyşasy» bolan söýgüli generaly ýagşy tanaýardy ahyryn!

«Slawýanlar dünýä agalayk etmelidirler, slawýanlara bolsa Russiýa hökümdar bolmalydyr!». Ine, onuň tagzym edýän generaly bütin ömrüni şu duýga gulluk edip geçiripdi.

«Dur-la, bu ýazgylar näme?» — Pod äýnekli gözlerini has aşak egdi.
«…Kakasynyň we atasynyň ýoly bilen gidip, ömrüni harby karýera bagyşlan Mihail Dmitriýewiç Skobelew öýdäki terbiýeden soň Parižde Dezideriýa Şirardeniň şahsy pansionynda hem terbiýelenipdir. 1861-nji ýylda Peterburg uniwersitetine okuwa girip, bary-ýogy bir aýdan soňam okuwdan kowlupdyr. Näme üçinmi? Bidüzginçiliklere gatnaşanlygy üçin elbetde. Şondanam ol kawalergard polkuna ýunker bolýar. 1863-nji ýylda kornetlige geçýär. Şol ýylam samoderžawiýä garşy polýak halkynyň gozgalaňy başlaýar. Gan ysyny küýsäp duran ganygyzgyn Skobelew haýdan-haý kakasynyň gulluk edýän ýeri bolan Polşa tarap ýola düşýär. Ýolda ol gozgalaňy basyp ýatyrmaga barýan goşuna goşulyşýar. Barşyna-da tüpeňiň peltesinden ot döküp ugraýar, baş göterenlerden rehimsiz, sowukganly ar alýar.
Gan dökmegi derrew öwrenen Skobelewi «zähmet rugsadyndan» soň Grodnodaky harby bölüme ugradýarlar.
Şondan soň generallygy şeýlebir küýseýän çypar murtly ýaş esgeriňki ýapaşak ineniňki ýaly gidiberýär şaglap. Ilki Baş Ştabyň Akademiýasy. Ony tamamlan badyna dabanyndan ot çykýan ofiser, nämüçindir, özüniň Aziýa iberilmegini özelenip soraýar. Meger, gan bilen ýetilmeli şöhradyň şo ýerde gömlüp ýatandygyny onuň ýüregi syzandyr. Haýp, Türküstanda ýaş ştab-rotmiýesteriň ajaýyp karýerasyna atanak çekjek bir waka bolup geçýär» — pod gözüni tegeledi — «Bu näme beýle? Biziň heniz bilmeýän harby syrlarymyz-a däl, harby wakalarymyzam bar-ow! Oka, ynha?
1868-nji ýylyň güýzünde general Fon Kaufman Samarkandy gazaply top okuna tutup, ony tutuşlygyna basyp aldy. Bir aýdan soňam ol badyhowa goşunlaryny Ketdegorgana tarap sürýär. Gör-ä, bolýan zady! Şol gije Samarkantda gozgalaň turýar. Bu sowuk habar generalyň yzyndan üç günden soň kowup ýetdi. Şol wagt ors goşuny Zirebulagyň ýanynda buharalylara garşy «Ur-ha-ur!» söweşini alyp barýardy. Fon Kaufmanyň gorkusy az däldi. Sebäbi buharalylar gazaply garşylyk görkezýärdiler, olar söweş meýdanynda şehit bolmany bagt bilip, şeýle bir döwüşýärdiler weli, patyşa goşunynyň soldatlary-ha däl, hut ofiserlerem

elheder alypdy. Ýöne jeň meýdanynda diňe ýaragy rüstem, goşuny güýçli ýeňýär. Emir goşunlary paýhyn edildi. Olaryň aglabasy şol ýerde gyzyl-ýaýryt läşe öwrüldi. Jesetleri hatda gaýmalap ýören garaguşlaram iýmedi, dokmädeliginden ýaňa.

Wagt ýitirmän – üç gün geçirip, gazapdan ýaňa gözi ýer görmeýän Fon Kaufman Samarkanda gaýtadan döküldi. «Toba kyldyk, nähak gan dökmäň!» diýip öňünden çykan ýaşulylary general pitiwa-da almady. «Musulmançylykda töwellaçy bilen ilçiniň kowlan ýeri ýokdur» diýlip, şo geçirimsizlik samarkantlylaryň ýadynda müdimi galdy. Ýaragy sowamadyk ors esgerleri bolsa şäheri top okuna tutdular, öňünden çykan zady çapdylar, otladylar, ýumurdylar. Meşhur Teýmirleňiň abat eden, Gündogaryň ýyldyzyna öwren şäheri haraba öwrüldi. Fon Kaufman diňe şeýtmegi isläpdi. Ol munuň bilen çäklenmedi. Samarkantda üç gün möhletli gyrgynçylyk yglan etdi. Kimdigine, günälimi ýa bigünä, tapawudy ýok, ýüzlerçe adam duran, duşan ýerlerinde okdan geçirildi, talandy, zorlandy.

Topragynda älemi sarsdyran gerçekleri, şalary döreden özbek halky dek ýatmady, bu zulmatyň garşysyna baş götermek isledi. Halk hereketi gerim alaýsa öňki-soňkyň çeni bolmajagyny duýan, şondanam reňkini ak tam edip gorkan Zerewşan okrugynyň general-gubernatory Abramow gyssagly ýagdaýda Fon Kaufmandan kömek sorady. Ine, şu ýerde-de «sahna» ştab-rotmistr Skobelew çykýar…»

Pod ahmyr hem azajyk göriplik bilen okap oturan kagyzyndan başyny galdyrdy. Ajy çilimi howlukman sorup, bir «hymm» etdi: «Ýeri, bagtyň göterilende bolýandyr-da bu zatlar! Ýogsam Stepanowam-a porudçik pagonyny dakynyp ýördi şol wagt. Baştutanlyk edýän rotasam «ur» diýseň, gözüni çykarýanlardandy. O wagt dagy Skobelewiň itiň spisogynda ady barmydy diýsene!»

Gahar bilen çilimini pitikläp goýberen pod ýene okap oturan zadyna ýapyşdy. Ine, şondanam Fon Kaufmanyň razylygy esasynda general Abramow Skobelewiň ýolbaşçylygyndaky jeza beriji otrýady gyssagly düzýär.

«Indi bir ediberşime seret. Bu wagşy aziýalylara men ors ýaragynyň gudratyny o dünýäde-de ýatdan çykmaz ýaly edip

görkezerin» diýen pikire daňlan Skobelew öz otrýadyny haýdan-haý Ketdegorganyň gapdalyndaky Çarşenbe gyşlagyna sürýär. Sebäbi şol ýerde gozgalaňçylar baş göteripdi. Garpyşyk diýseň gazaply bolýar. Jandan geçip, imana berlen gozgalaňçylar jeza berijileri jyrralyp gaçmaga mejbur edýärler. Jeza berijiler köp ýitgi çekýärler. Bu ahwalat Türkistanda eýýäm hojaýýnsyraşyp ýören rus harby adamlarynda diňe närazylygam däl, aljyraňňylyk döredýär. Olar bu ýeňlişiň günäkärlerini pugta jezalandyrmagy berk talap edýärler. Şonuň üçinem Fon Kaufman ýörite dokladnoý-teswir taýýarlar ýaly komissiýasyny döretmäge mejbur bolýar. Skobelew it alan sanaja dönjek wagty, patyşa ýakyn kakasy ony kakyp alýar. Şol gezekki jezadan sypansoň, onuň gözi ýerine geläýjek ýaly welin, ýok, gaýtam, tersine bolýar. Aziýalylary ikiaýakly mahluk saýýan gopbamdan şöhratparaz ofisere  masgaraçylykly ýeňlişi, onda-da hiç hilli harby taýýarlygy bolmadyk batyr özbek ýigidiniň çaklaň ýygnynyň öz kämil, gurgun otrýadyndan rüstem gelmegi onuň içine otly kesindi oklaýar. Ol indiden beýläk bütin ömrüne çaga diýmän, garry diýmän, ýa aýal diýmän, gylyjyny gana boýap, türkistanlylardan ar aljagyna kasam edýär.

Nätjek? Beýik Rus imperiýasynyň ofiseriniň abraýyny ýere döken ştab-rotmistr, Türkistanda bary-ýogy bir ýyl hem gulluk etmänkä, Kawkaza tarap «marş» diýýärler. Merkezi Krasnowdskide ýerleşen Zakaspiý harby bölüminde Skobelew hyruç bilen türkmen topragyny basyp almaga hyrçyny dişläp başlaýar. Ol bu ýere gelen wagty eýýäm Hywa ýörişine taýynlyk görülýärdi. Diňe olmy näme? Beýik Russiýanyň uzyn eli, belki, Hywanyň ýa-da Marynyň üsti bilen baý Hindistana tarap uzar?! Ors ýaragynyň ýa-da aňynyň, eýsem, iňlisden nämesi kemmişin?!

Ahyrsoňy goşun sürmäge delil tapan Russiýa Hywa tarap ugrady. Onda-da nähili goşun: 1873-nji ýylda Fon Kaufmanyň umumy ýolbaşçylygynda dört otrýad düzülipdi. Şeýlelikde, Türkistan, Krasnowodsk, Maňgyşlak hem Orenburg otrýadlary gyşyň ahyrynda-baharyň başynda Hazaryň kenaryndan Garagumy kesip, gündogara ugrapdy. Bärik on üç müň esger, ok-ýaragly, gerekli ýükli iki müň alty ýüz at, ýigrimi müň düýe süýşüp gelýärdi…

Gapy ilki tyrkyldady-da, soň emaý bilen açyldy. Iç işikde dim-

dik adýudant peýda boldy.
– Jenap pod, Hywa hanynyň habary bilen onuň köşgünden geldiler.
Ünsi bölünenine keýpi gaçan Stepanow biparhlyk bilen elini salgady:
– Goý, garaşsynlar, men işli. Özüňem maňa bir kofejik getir, ajyja bolsun!
Ol ýene-de kagyzlara baş egdi.
Hywanyň uruşsyz boýun egdirilmegi Skobelewiň keýpine sogan gograýar. Nämüçin bahana arap gan dökmeli däl? Tüpeň sesi, gylyçlaryň şarkyldysy, kesilen kelleler generalyň ýa-da ofiseriň abraýyny ölçeýän närseler dälmidir?
Gahary çogan Skobelew Hywa derwezelerini top oky bilen ýarmagy buýurdy. Şeýdibem, gana ýol açdy. Müň adamlyk goşun bilen derwezeden kürsäp giren general iki tarapdan hem ep-esli ýitginiň sebäpkäri boldy. Onuň bu işe heşelle kakýany görnüp durdy.
Bilgeşleýin bu gandöküşligi eşiden Fon Kaufman gaty gaharlandy. Ýöne oňa jeza berip bilmedi. Skobelew bu gezegem suwdan gury çykdy.
Gaýtam, Hywa ekspansiýasynyň üstünlikli tamamlanandygyny eşiden Patyşa Aleksandyr III öz söýgüli ofiserini altyn gylyç hemem mukaddes Georgiý hajynyň dördünji, üçünji derejeleri bilen sylaglady. Gylyç göwher bilen haşamlanandy.
Skobelewiň türkistanlylara aýratyn zabunlyk bilen daraýandygy Kokant  basylyp alnanda-da, Polathanyň ýolbaşçylygyndaky halk gozgalaňy basylyp ýatyrylanda-da ýüze çykypdy. «Ynha, gör-le! Beýle-de açyk ýazyp boljak eken-ow« – podpolkownigiň gaşlary gerlip gidende onuň gözündäki pensnesi tas aşak gaçypdy.
Skobelew Andijana hüjüm edende juda  dyzmaç hereket etdi.  Ol goşuny jeza beriji otrýadyň başda durmagynda hüjüme sürüp, toplardan ot açdy, garşylyk görkezýänleri yza çekilmäge mejbur etdi. Şonda parahat ilatyň ýigrimi müňi öldürildi, Garaderýanyň kenarlarynda oturan obalary ýok etdi. Gozgalaňçylar boýun bolmadylar. Ýaraglary ýaramaz bolsa-da, gozgalaňçylar sekiz ýüz, müň adamly otrýadlara birleşip, regulýar goşun bilen garpyşyp wepat bolýardylar.

«Ine, bagtyň çüwende şeýle bolýar» – pod guraksy ýuwdundy – «Kokant hanlygy basylyp alnanda, bu ýerde Fergana oblasty döredilip, onuň ilkinji gubernatory edilip Skobelew bellenilýär. Şol kürsüde otyrka hem ol Hindistana ýöriş etmek, ony iňlis agalygyndan gutarmak pikiri bilen gümra eken…»
Adýudant kofe getirdi. Gyzgynlygyna owurtlanda, polkownigiň damarlary ýazylyp giden ýaly boldy.
Skobelew! Kofeniň ajysy hem gyzgynlygy bilen bu at edil beýnä baryp urlan ýaly boldy. «Gör-ä, generalyň ýeser göçüm edişini: Hindistana ýöriş Russiýanyň dabaralanmagy hemem giňelmegi üçin zerurdyr?!»
Pod içki duýgusyna doldy. «Näme biz basybalyjymyşykmy eýse? Ýok, beýik Russiýa diniň hem nadanlygyň gaflatynda irkilip oturan Türkistana janlanyş iberdi ahyry. Aziýany köp asyrlaryň dowamynda horlan özara uruşlar, hanlyklaryň arasyndaky ganly garpyşyklar, topalaňlar şarpa kesildi dälmi? Kesildi. Diňe Gökdepe galasy zabt edilende, şoň içinde bäş ýüz töweregi gandally, ýesir alnan parslar-gullar bardy ahyry. Hywada näme? Tutuş yklymy tozduran alamanlar, çozuşlar, talaňçylyklar biz gelemizsoň geçmişe gitdi gerek?! Ebedi anarhiýanyň, eden-etdiligiň, güýçleriň agalygynyň höküm sürýän, bulagaýlygyň bolsa kada, adaty hadysa öwrülen ýerinde biz kanuny hem tertibi berkarar etdik. Asyrlarboýy hemmäni iňkise, gorka salyp, ezýet berip gelen gulçulyga äkidilmek howpunyň köküni köwledik. Zynjyra baglanan, ömrüni ahmyr hem agy bilen geçiren gullaryň on müňlerçesi azat boldy. Muňa jedel ýokdugy görnüp dur-a».
böwrüni diňledi: «ýöne şu wakalarda generallyga ýeten Skobelewyň badyhowa hem göçgünli bolanlygyny weli taryh ýadynda saklasa gerek: «It ölen ýaly ölüp gitdi-dä bende ýöne». Şol gamgyn waka – Skobelewiň jaýlanylyşy ýadyňa düşende ol kofeniň galanjasyny zarp bilen ýuwudyp goýberdi: Ölmezinden ýarym ýyl ozal onuň Gökdepäniň zabt edilmeginiň birýyllygyna Peterburgyň kaşaň  restoranlarynyň birinde guralan dabarada göçgün bilen sözlän sözi hemmelere ýarab-a durmandyr…»
Gapy tyrkyldady-da, ýene açyldy. Adýudant uzur ötünçli görnüşde ýüzlendi:

—Jenap pod, gelenler: «Han hezretleri gyssap iberdi, zerur iş üçin» diýip durlar.
Pod äheňine sowuklyk çaýdy:
—Garaşsynlar, goý, näme, göçi geçip barýamyşmy?
Adýudant gapyny ýapyp-ýapmanka ýene hüňürdedi:
—Dogry-da walla, donlaryny süýreşip. Juda janyna dowul düşen bolsa, han ýalym-ýulum bilen köşgüne-de çagyryp bilerdi.
Soňam biygtyýar içini gepletdi: «Sowgat-salamam» bulaň öz dilinde aýdylyşy ýaly göwne hoş ýakýan zat weli, ýöne köşkde han bilen palaw ýa-da, manty iýmegem-ä lezzetli. Näçe sakgalyny hynalap, takwasyran bolsa-da ors aragyndan ýa-da kawkaz çakyryndan keýpini köklemegem erbet görenok şu han».
Bidenem ol erinlerini gyşardyp ýylgyrdy. «Ýaňy men «donlaryny süýreşip» diýdimmi? Meň pikirim general Skobelewiňki bilen hut gabat gelýär. Ol: «Ala donlulary hut ýerde süýrenýän şeýle dony geýýäni üçinem ýok etmek gerek» diýipdir. Açykdan-açyk, gorkman diýäýşini!
Ýöne…» Podpolkownigiň ini dyglap gitdi: «Generalyň ömri gysga hem pajygaly boldy. Tabydy göterenlerinde, generalyň jesediniň agany ýadyna düşüp, pod uludan dem aldy: «Hawa-da, milli gahryman bolmaly generaly Peterburga-da onuň Alyhezretleri Aleksandyr III juda sowuk garşylaýar-a. Sebäbi dyzmaç hem çöçgünli generalyň Germaniýany iň howply duşman hökmünde häsiýetlendirip, jemgyýetiň ýokarky gatlarynda, şüweleňli oturlyşyklarda, mazamly kabul edişliklerde lakgyldap ýörmegi, elbetde, patyşa ýaramandyr.
Minskidäki harby bölüme ýönekeý komandir bellenen general Skobelew ölmeziniň öň ýany juda keýpsiz gezipdir. Ol Rýazan guberniýasynyň Spasskoýe obasyndaky mülküne ugramakçy eken. Gören adamlaryň aýtmaklaryna görä, göýä general ölüm pillesiniň ýakynlaýanyny bilen ýaly, örän çytyk, keýpigaçgyn eken. Agşamara bolsa Moskwanyň Stoleşnikow bilen Petrowka köçeleriniň burçundaky «Angliýa» myhmanhanasyna ugraýar. Şol ýer ýeňles zenanlaryň köp ýygnanýan, şol sanda Wanda atly belli nemes aýalynyňam ýaşaýan ýeri eken. Bagtyýatan general ömrüniň soňky gijesini Wanda bilen geçirýär. Ertesi myhmanhananyň iň gowy nomerleriniň birin-de uzak gije keýp

çeken Skobelewi ölüp ýatan halda tapýarlar. Orta Aziýany sarsdyryp, onuň köp ýerini guma garan, müňlerçe adamyň ganyna galan general Gökdepäniň basylyp alnanyna bir ýyl doldy diýlende, tarpa-taýyn ýogalýar».
Pod tisginip gitdi… «Belki onuň ölümine musulmanlaň gargyşy sebäp bolan bolaýmasyn?!». Göwnüne gelen pikiri kowmakçy bolýan ýaly, ol elini silkip, ýene çilime ýapyşdy.
Pod han habarçylarynyň Gurbanmämmet serdarly mesele blen gelenini bilenokdy.

***

Dowamy bar… Hekaýalar